# Dört ymamyň akydasy

[ Türkmen – Turkmen – تركماني ]

﴿ اعتقاد الأئمة الأربعة ﴾

« باللغة التركمانية »

**Muhammed b. Abdurrahman el-Humeyyis**

محمد بن عبد الرحمن الخميس

**Çeviren: Ebu Abdurrahman es-Selefi**

ترجمة: أبو عبد الرحمن السلفي

## 1-bap.

Dört ymam, ýagny Ebi Hanyfa, Mälik, Şafygy we Ahmed, Alla olara rehim etsin akydalary Kuranyň we sünnetiň aýdan zatlary bolup,sahabalar we tabygynlaryň ýolunda bolmaklykdyr,ymamlaryň arasynda akyda barada hiç-hili düşünişmezlik ýokdur,megerem olaryň hemmesi Allanyň sypatlaryna iman getirmekde, Kuran Allanyň sözi bolup, ol mahluk däldigine bir sözlüdir,imanda hökman kalb bilen ykrar edip , dil bilen tassyk etmelidir. Olar grek pelsepesi bilen täsirlenen jähmilere gaty inkär edýärler.

Ibni Teýmiýa[1] aýdan: «…Ýöne Allanyň rehmedi bilen dindäki dört ymam ýaly ygtybarly ymamlar we başga ymamlar jähmileriň Kuran ,iman we Allanyň sypaty barada aýdan sözlerini inkär edýärdiler,olar selefleriň aýdan sözleri ýaly söz aýdýardylar, ýagny: « Allany kyýamat güni görüler,Kuran Allanyň kelamy bolup mahluk däldir we iman üçin hökman kalb we dil tassygy gerekdir.»

Ýene aýdan: «Meşhur ymamlaryň ählisi Allanyň sypatlaryny isbät(ykrar)edýärler,olar:Kuran Allanyň kelamydyr, mahluk däldir, Allany kyýamatda görüler diýýärler,bu sahabalaryň we tabygynlaryň,Mälik bin Enes, Sawriý, Leýs bin Sagd ,Awgaziý, Ebu Hanifa, Şafygy we Ahmed ýaly ymamlaryň sözüdir.»

Şeýhul islam ibn Teýmiýa Şafyganyň akydasy barada soralanda şeýle diýen: «Şafyganyň ygtykady ummatyň selefleri Mälik, Sawriý,Awzagiý ,ibni Mubarak,Ahmed bin Hanbal,Ishak bin Rahaweýhi ýalylaryň ygtykadydyr,onuň ygtykady Fuzeýl bin Yýad,Ebu Suleýman Daraniý,Sahl bin Abdylla at-Testury ýaly şeýhleriň akydasydyr,çünki şu alymlaryň arasynda akyda barada dawa ýokdur,şeýle hem Ebu Hanifa çünki onda dogry bolup gelen sözleri şol ymamlary bilen sözleri bilen gabat gelýändir,,ol bolsa sahabalar we tabygynlary bilen ygtykadydyr,bu bolsa Kuran we hadysyň aýdýan zatlarydyr.

---

Allama Syddyk Hasan han aýdan: «Biziň mezhebimiz selefleriň mezhebi bolup,Allanyň sypatlaryny başga sypatlara meňzetmezden ykrar etmekdir,buh hem islam ymamlary Mälik, Şafygy,Sawriý ibn Mubarek we ymam Ahmed we başgalaryň mezhebidir,çünki olaryň arasynda akyda barada hiç-hili agzalalyk ýokdur,şeýle hem Ebu Hanifa,çünki onda sahyh bolup gelen ygtykat geçenleriň ygtykady ýalydyr ol hem Kuranyň we sünnetiň aýdan zatlarydyr.»

## Bap-2.

# Ymam Ebi Hanifanyň akydasy: (Alla ony rehim etsin)

### Ymam Ebu Hanifanyň töwhid barada aýdan sözleri:

### Birinjisi: Allany birlemek barada

### we şergi we bidgaty wesilet

### baradaky akydasy.

1)Hiç bir adam Allany çagyranda rugsat berilen ýa-da buýrulan we Allanyň: «Allanyň gözel atlary bardyr,Ony ol atlar bilen çagyryp we Allanyň atlarynda pislik edýänlerden daşlaşyň,olar eden işlerine görä muzd alarlar.»-diýen aýatyndan alynýan peýdalardan başga zat bilen doga etmeli däldir.

2)Ebu Hanifa aýdan: «Pylanynyň haky bilen ýa-da pygamberleriň we resullaryň ýa-da Käbäniň haky bilen soraýaryn diýmeklik gowy däldir.»

3)Ebu Hanifa aýdan: «Diňe Alla çagyrylmalydyr.»

### Ikinjisi: Allanyň sypatlaryny ykrar edip, jähmilere gaýtargy berişi:

4) Ebu Hanifa aýdan:” Alla mahlukatlaryň sypatlary bilen sypatlandyrylmaly däldir,Onuň gazaby, ryzasy hiç zada meňzeş sypatdyr, bu ähli sünnet we jemagatyň akydasydyr, Allanyň gahary gelýändir, Ol razy bolýandyr,ýöne Onuň gahary azap islemegi, razylygy bolsa sogap islemegi diýmeris,Ony Özüniň sypatlandyran sypatlary bilen sypatlandyrarys,Ol birdir,dogurmady we dlgulmady, Onuň deňi taýy ýokdur, Ol diridir,Kadyrdyr,her bir zady eşidýändir,her bir zady görýändir,her bir zady bilýändir.Allanyň eli her bir zadyň üstündedir, Onuň eli mahlukatlaryň eli ýaly däldir, Onuň didary hem mahlukatlaryň ýüzi ýaly däldir”.

5) Ebu Hanifa aýdan:” Onuň eli,didary bardyr, şu zatlary Kuranda ýatlap geçendir, Allanyň Kuranda ýatlap geçen didar, el ýaly sypatlary

Onuň hakyky sypatlarydyr, nähili diýmeli däldir, Onuň eli gudraty, ýa-da nygmaty diýilmez, şeýle diýmek ol sypaty batyl etmekdir,bu bolsa kadariý we mugtazile sözüdir”.

6) Ebu Hanifa aýdan :”Hiç kim öz oýundan Allanyň sypatlary barada hiç söz aýtmaly däldir,megerem Allanyň Özüni sypatlandyran sypatlary bilen sypatlandyrmalydyrys: Tebärek Alla robbil älemin”.

7)Haçanda ondan Allanyň asmanyň düýe gatyna inişi barada soralanda ol: «Nähili bolmazdan inýändir».

8) Ebu Hanifa aýdan: «Alla ýokardadyr, Ony şol ýerden çagyrylýar, Ol aşakda däldir,çünki aşaklyk rububiýet we uluhiýet sypaty däldir».

9) Ol aýdan: «Allanyň gazaby gelýändir we razy hem bolýandyr, ýöne Onuň gazaby ,azaby, we razylygy sogap bermegi diýmeris».

10) Ol aýdan: « Ol hiç zada meňzeş däldir,hiç zat hem Oňa meňzeş däldir,Ol ebedi-ezeli sypatyndadyr».

11) Ol aýdan:«Onuň sypatlary mahlukatlaryň sypatyndan gaýry sypatdyr.Allanyň ylmy biziň ylmymyz ýaly däl,görüşi biziň görüşimiz ýaly däl, eşidişi biziň eşidişimiz ýaly däl,kelamy biziňki ýaly däldir».

12) Ol aýdan:«Alla mahlukatlaryň sypatlary bilen sypatlandyrylmaýar».

13) Ebu Hanifa aýdan:« Kim Allany adamlaryň sypatlaryndan bir sypat bilen sypatlandyrsa ol kapyr bolar».

14) Ebu Hanifa aýdan:«Kim Rebbim asmandadygyny ýa-da ýerdedigini bilemok diýse ol kapyrdyr şeýle hem Alla Arşyň üstündedir,ýöne Arş asmandadygyny ýa-da ýerdedigini bilemok diýse ol kapyrdyr».

15) Ondan bir aýal: «Seniň ybadat edýän hudaýyň nirede?»-diýip soranda ol: «Alla ýerde däl-de asmandadyr» diýýär.Şonda bir adam: «Alla, nirede bolsaňyz hem ol siziň bilendir.»-diýdi diýýär.

Ol: «Bu bir adama hat ýazanyňda: «Men seň bilendirin»-diýdigiň ýalydyr» diýýär.

17) Ol aýdan:«Allanyň eli olaryň eliniň üstündedir,ýöne Onuň eli mahlukatlaryň eli ýaly däldir».

18) Ol aýdan:« Ol Alla gürleýändir,ýöne gürleýşi biziňki ýaly däldir».

19) Ol aýdan:« Alla gürleýändir, Musa aleýhi salam bilen gürleşmezinden öň gürländir».

20) Ebu Hanifa aýdan:« Onuň gürlemek sypaty ebedi-ezeli baky sypatdyr».

21) Ebu Hanifa aýdan:« Musa Allanyň kelamyny eşiden: Alla aýdan: «Alla Musa bilen gürleşendir.» Alla Musa bilen gürleşmezinden öň gürländir.

22) Ebu Hanifa aýdan:« Kuran Allanyň kelamydyr,Ol kitaplarda ýazylandyr,kalplar ony ýat alandyr,diller ony okaýandyr,ol Resula inendir».

23) Ebu Hanifa aýdan:« Kuran mahluk däldir».

## Ymam Ebu Hanifanyň takdyr

## barada aýdan sözleri.

24) Ebu Hanifanyň ýanyna bir adam kadar barada jedelleşmäge gelýär, şonda ol: «Sen bileňokmy,takdyra seretjek bolýan adamyň mysaly güne seredýän adam ýalydyr,ol näçe siňňin seretse şonçada gözi gamaşar» diýýär.

25) Ol aýdan «Alla mahlukatlary ýaratmazdan öň alymdy».

26) Ol aýdan «Alla ýok zady ýok halynda-da bilýändir,eger peýda bolaýsa nähili boljagyny bilýändir,Ol bar bolan zady hem bilýändir,ýok bolsa nähili boljagyny bilýändir».

27) Ol aýdan «Takdyr Lowhul Mahfuzda ýazylgydyr».

28) Ebu Hanifa aýdan «Alla galama: «Ýaz»-diýýär.Ol: «Eý Rebb näme ýazaýyn?»-diýýär. Ol: «Kyýamata boljak zady ýaz.»-diýenini ykrar ederis. Alla aýdan: «Her bir iş kitapdadyr,uly-kiçi zady ýazandyr».

29) Ymam Ebu Hanifa aýdan « Şu dünýäde we ahyretde diňe Allanyň islän zadyndan başga zat bolýan däldir».

30) Ebu Hanifa aýdan « Alla hiç zady ýaratmazdan öň Halyk sypatyna eýe bolandyr».

31) Ol aýdan «Bendäniň özi,onuň amallary we ylmy mahlukdygyna ynanýarys,çünki hereket edýän onuň hereketleri asla mahlukdyr».

32) Ol aýdan «Bendeleriň hemme hereketleri,hereketsizligi onuň kesbidir,ýagny öz edýän işidir.Alla olary ýaradandyr,şu zatlaryň ählisi Allanyň eradasy ,ylmy we kaza takdyry bilen bolýandyr».

33) Ol «Alla adam perzendini onuň arkasyndan çykaryp,olara imany buýuryp kapyrlykdan gaýtarýar,olar Allanyň Rebdigini ykrar edýärler,şu hem olaryň imany bolýar we şu halda dünýä inýärler,şondan soň kapyr bolan öz fytratyny üýtgedendir,iman getiren bolsa imanda berkändir»diýýär.

34) Ymam Ebu Hanifa aýdan« Alla her bir zadyň takdyryny ýazandyr,şu dünýäde we ahyretde eradasy, kazasy,ylmy bolmasa hiç zat bolýan däldir,ähli zat Lowhul-Mahfuzda ýazykdyr».

35) Ol aýdan «Alla bendeleriň hiçisini kapyr bolmaga ýa-da iman getirmäge mejbur eden däldir».

## Ymam Ebu Hanifanyň iman barada sözleri.

36) Ymam Ebu Hanifa aýdan« Iman ykrar we tassyk etmekdir».

37) Ol aýdan«Iman dil bilen ykrar edip, kalbyň tassyklamalydyr, ýeke-täk ykrar ýeterlik däldir».

38) Ymam Ebu Hanifa aýdan« Iman artýan hem däl kemelýän hem däldir».

Men aýtdym: Ebu Hanifanyň şu sözi beýleki islam ymamlary ýagny: Mälik, Şafygy, Ahmed,Ishak, Buhari we başgalaryň sözünden tapawutlydyr,Ebu Hanifanyň bu sözi nädürsdir,ýöne Ibni Abdul Berr we ibni Ebi al-Yzz Ebu Hanifanyň şu sözden gaýdandygyny ýatlanlar.

## Ymam Ebu Hanifanyň sahabalar barada aýdan sözleri.

39) Ymam Ebu Hanifa aýdan« Resulallanyň sahabalary diňe ýagşylykda ýatlanylmalydyr».

40) Ol aýdan«Sahabalaryň hiçisinden päklenmeris,olaryň birini aklap, başgasyny äsgermezçilik etmeris».

41) Ol aýdan« Sahabalaryň Resulalla bilen sähelçe pursat bolmagy biziň bütin ömrümizde eden amallarymyzdan haýyrlydyr».

42) Ymam Ebu Hanifa aýdan« Pygamberden soň şu ummatyň iň ýagşysy Ebu Bekr,soňra Omar,soňra Osman,soňra bolsa Alidir,Alla olaryň ählisinden razy bolsun».

43) Ymam Ebu Hanifa aýdan« Resulalladan soň şu ummatyň iň ýagşysy Ebu Bekr,Omar,Osman we Alidyr,soňra başgalary diňe gözel at bilen ýatlarys».

**Ymam Ebu Hanifanyň**

**dinde jedel etmekden**

**gaýtaryan sözleri.**

44) Ymam Ebu Hanifa aýdan«Basra şäherinde howaýy-nefsine gidenler köp,men bir ýyl töweregi ol ýerde boldum we pelsepe ylmy iň gowy ylymdyr diýip güman edýärdim,aslynda bolsa şeýle däldi.

45) Ymam Ebu Hanifa aýdan«Men pelsepe ylmynda şeýle bir beýik derejä ýetdim hat-da maňa: «Şu uly adam.» - diýip görkezýärdiler, özüm Hammad Ebi Suleýmanyň mejlisiniň ýanynda oturýardym,bir aýal gelip: «Bir adam öz aýalyny sünnete görä talak etjek bolýar,nähili etmeli?»-diýende men:Bilemok,Hammaddan sora,soňra jogabyny maňa aýt –diýdim.Ol aýal baryp soranda Hammad: «Aýbaşyndan päk we äri ýanaşmadyk halynda talak edip iki gezek aýbaşy gelýänçä terk etmeli,soňra ýuwunandan soň äre çykyp bilýär.»-diýdi.Ol aýal gelip maňa habar berdi,şonda men : pelsepe ylmynyň maňa geregi ýok-diýip aýak gabymy aldym-da Hammaddan sapak almaga gitdim».

46) Ol aýdan« Alla Amr bin Ubeýdi lagnatlasyn,çünki ol adamlara nepi degmeýän pelsepe ylmyna ýol açdy».

47) Ebu Hanifa Ebu Ýusufa: «Adamlar bilen diniň inçe syrlary barada gürleýji bolaýmagyn,çünki olara görgi bolarlar» diýýär.

Şu ymam Ebu Hanifanyň sözlerinden bir parçadyr.

# Ymam Mälik bin Enesiň akydasy (Alla ony rehim etsin)

## Towhid barada aýdan sözleri:

1)Ymam Mälikden towhid barada soralanda ol: «Resulalla ummatyna synja almagy öwredip, Towhidi öwretmedi.»- diýip güman etmeklik ýalňyşdyr,towhid Resulallanyň aýdan zadydyr.Ol aýdan: «Adamlar: lä ilähä illalla diýýänçäler olar bilen söweşmek maňa buýrulandyr.

2) Welid bin Muslim aýdýar: «Men Mälikden, Sowriden, Awzagydan we Leýs bin Sagddan:Allanyň atlary we sypatlary bolan habarlar barada soranymda olar: «Gelişi ýaly kabul ediň.»-diýdiler.

3) Ymam Mälikden: «Alla kyýamatda görülermi?»-diýip soralanda ol: «Howwa, Alla: «Olaryň ýüzleri nurana Rebbine seredýärler.»-diýdi,başga adamlar barada: «Ýok,olar öz Rebbinden perdelineler.»-diýdi» diýýär.

4)Kazy Ýýad: «Tertip al medärik» -diýen kitabynda ibni Nafi we Eşhebden şeýle getirýär,biri: «Eý Ebu Abdylla,Alla aýdan: «Olaryň ýüzi nurana,Rebbine seredýärler.»Olar Allany görerlermi?»-diýýr.Ol: «Howwa,şu iki göz bilen görerler.»-diýýär.Ol: «Käbir adamlar Alla görülmez,bu Allanyň berjek sogabyna garaşýarlar diýdigidir diýýärler» diýenimde. Ol: «Olar ýalan sözläpdirler.Alla Musa barada: «Eý,Rebb maňa Özüňi görkez,Seni göreýin.»-diýen.Musa näme bolmajak zady soradymy? Alla: «Sen meni görmersiň.»-diýen,ol şu dünýäde görmez çünki bu dünýe pany,pany zat bilen baky zada seredip bolmaz,baky dünýä baranlarynda Allany görerler» diýýär.

5)Ymam Mälik aýdan aýdan Alla aýdan aýdan «Ýok, olar ol güni Rebbinden perdelenilener.»

4)Jafar bin Abdylla aýdýar: «Biz Mälik bin Enesiň ýanynda otyrkak bir adam gelip: «Eý Ebu Abdylla, Rahman Arşdadyr,nähili Arşa çykdy?»-diýýär. Şonda onuň şeýle bir gahary gelýär,ony der

basýar,elindäki taýagyny ýere dürtýär,soňra ony zyňýar we kellesini galdyryp: «Nähilidigi näbelli, galanlygy belli,iman getirmek wajypdyr, sorag bermek bidgatdyr, sen bidgatçy öýdýän.»-diýip ony çykardýar.

5)Ýahýa bin Rabig aýdýar: «Men Mälik bin Enes bilen otyrkam onuň ýanyna bir adam gelip: «Eý Ebu Abdylla Kuran mahlukdyr diýýän adam barada näme aýdarsyň?»-dýýär.Ol: «Kapyr,öldüriň ony.»-diýýär.Ol adam: «Eý Ebu Abdylla men eşiden zadymy aýdýaryn.»-diýýär. Ol: «Men senden eşitdim.»-diýýär.

6) Abdylla bin Nafig aýdýar: «Mälik bin Enes aýdan: «Kim Kuran mahluk diýse ony urmalydyr,we tä toba edýänçä zyndanda saklamalydyr.»

7) Mälik aýdan: «Alla asmandadyr,ylmy bolsa hemme ýerdedir.»

## **Onuň takdyr barada aýdan sözleri**:

8) Ibni Wehb aýdan: «Mälik bir adamdan: düýn menden takdyr barada soradyň.»-diýdi. Ol: «Howwa»-diýdi.Ol:«Alla: Eger biz islesek onda her bir kişä dogry ýoly görkezerdik,ýöne Menden takyk söz jynlardan we ynsanlardan jähennemi doldyraryn.» diýen. Allanyň aýdyşy ýaly hem bolaýmalydyr.»-diýýär.

9)Mälik bin Enes aýdan: «Kadariýeler- toba etdirilýär,eger toba etseler hiç diýilmez ýa-da ýok edilýär» diýýär.

10) Marwan bin Muhammed at-Tatriý aýdan: «Mälik bin Enesden: «Kadaritlere öýlenmek bolýarmy?»-diýip soralanda ol: «Mömin gul müşrikden ýagşydyr.»-diýip aýaty okaýar.»

11) Kazy Ýýad aýdan: «Mälik aýdan: «Öz ýoluna çagyrýan kadaritiň, hawarijiň we rafizitiň(şaýylar) şaýatlygy kabul edilmeli däldir.»

## **Onuň iman barada aýdan sözleri**.

12)Abdurrazzak bin Hemman aýdan: «Men ibni Jureýjden, Sufýan Sowriden, Magmar bin Raşidden,Sufýan bin Uýeýneden we Mälik bin

Enesden: «Iman söz we amal,ol artýandyr we kemelýändir.»-diýenlerini eşitdim.»

13) Mälik aýdan: «Iman söz we amaldyr.»

14) Mälik aýdan: «Resulalla döwründe adamlar 16 aýlap Beýtul makdise tarap garap namaz okadylar,soňra olara Käbä tarap öwrülmek buýruldy.Alla aýdan: «Alla siziň imanyňyzy puja çykarmaz ,ýagny Beýtul makdise garap okan namazyňyzy».

**Ymam Mälik bin Enesiň sahabalar**

**barada aýdan sözi.**

15)Mälik bin Enes aýdýar: «Kim Resulallanyň sahabalaryny kemsitse ýa-da kalbynda bir nogsanlyk bar bolsa, onda ol adama musulmanlaryň oljasyndan paý ýokdur,çünki Alla aýdan: «Olardan soňky gelenler bolsa: «Rebbimiz bizi we iman bilen bizi ozan doganlarymyzy ýalka we kalplyrymyzda olar barada hiç-hili ýamanlyk goýma.»-diýdi diýýär.»

16)Abdylla bin Nafig aýdýar: «Biz Mäligiň ýanynda otyrkak, Resulallanyň sahabalaryny kemsidýän adam ýatlanylýar,şonda Mälik: «Muhammed Allanyň resulydyr.»-diýip Fath süresiniň 29 aýatyny okaýar.Kim Resulallanyň sahabalaryny kemsitse şu aýata girýändir».

**Dinde jedel barada aýdan sözleri.**

17)Musgab bin Abdylla az-Zubeýri aýdan: «Mälik aýdan: «Dinde ylymsyz gürlemegi halamaýaryn,ýurdymyzyň adamlary hem halamaýarlar ýagny-jähiliň sözi,takdyr baradaky sözler,amal bolmadyk söz gerek däldir, emma Allanyň dini barada, Allanyň Özi barada gürläniňden dymmaklyk gowydyr, çünki ylymsyz amal bolmadyk sözden gaýtarylandyr».

18)Abdylla bin Nafig aýdan: «Mälik aýdan: «Eger bir adam şirkden başga ähli günäleri etse,ýöne bidgat işini etmedik bolsa ol jennete girer.»

19)Ishak bin Ysa aýdan: «Mälik aýdan: «Kim dini pelsepeden gözlese ol kapyr bolar,kim al-himiýa bilen mal gözlese ol pulsuz galar,kim seýrek hadyslary gözlese ol ýalançy bolar.»

20)Abdyrahman bin Mehdiý aýdan: «Men Mäligiň ýanyna girdim,onuň ýanynda bir adam otyrdy ol: «Belki sen Amr bin Ubeýdiň ýoldaşlaryndansyň, Alla Amr bin Ubeýdi lagnatlasyn, çünki ol pelsepe bidgatyny getirdi, eger pelsepe ylym bolýan bolsa,onda sahabalar we tabygynlar şerigat hökümlerinde gürleýişleri ýaly gürlärdiler.»-diýdi.

21).Aşhab bin Abdelaziz aýdan: «Mälik: «Bidgatlardan ägä boluň»-diýende oturanlaryň biri: «Eý Ebu Abdylla bidgat näme?»-diýýär. Ol: «Bidgatçylar Allanyň atlary,sypatlary,Onuň ylmy we gudraty barada gürpäp,sahabalaryň we tabygynlaryň dyman zatlaryndan dymmaýarlar» diýýär.

22)Şafygy aýdan: «Eger Mälik bin Enesiň ýanyna bir bidgatçy gelse ol:«Men Allanyň goýan dogry ýolundadyryn,şübhäm ýokdur,emma sen bolsaň şeklenýärsiň,özüň ýaly şeklenýäniň ýanyna git»diýerdi.

23)Muhammed bin Ahmed bin Mindad al-Hallaf aýdan: «Mälik aýdan: «Bidgat,münejimlik kitaplary ýaly kitaplary ýaýratmak rugsat berilýän däldir»,soňra ol aýdan: «bidgat kitaplary - mugtazile ýaly pelsepe kitaplarydyr».

# Ymam Şafyganyň akydasy(Alla ony rehim etsin.)

## Allanyň towhidi barada aýdan sözleri:

1) Rabig bin Seleýman aýdan: «Şafygy aýdan: «Eger kimdir biri Allanyň atlarynyň biri bilen ant içse,soňra içen adynda durup bilmese,ol keffarat bermelidir,kim Alladan başga zatdan ant içse,ýagny Käbeden ýa-da atamdan ant içýärin diýse,onuň keffaraty ýokdur,Alladan başga bir zat bilen ant içmek gaýtarylýan zatdyr, Resulalla ony gaýtarýandyr. Resulalla aýdan: «Alla ata-babalarňyz bilen ant içmekden gaýtarýar.Kim ant içse goý ol Alladan ant içsin ýa-da dymsyn.»

2) Şafygy aýdan: «Meniň,ýoldaşlarymyň we hadys öwrenen we gören Sufýan,Mälik ýaly ussatlarymyň sözi: lä ilähä illalla,Muhammed resulalla şahadatyny ykrar etmek,Alla arşyň üstünde isleýşi ýalydyr,we isleýşi ýaly asmanyň dünýä gatyna inýänligini ykrar etmekdir».

## Şafygynyň sahabalar barada aýdan sözi

3) Şafygy aýdan: «Alla tagala Resulallanyň sahabalaryny Kuranda, Töwratda we Injilde öwendir,Resulallanyň dilinde olardan başga hiç-kime berilmejek fazylat aýdylandyr ,olar bize Resulallanyň buýran,ündän sünnetlerini getirendirler,olar biziň bilen we bilmedik sünnetlerimizi bilendirler,olar bizden ähli ylymda we ižtihädde, akylda we takwalykda ýokarydyrlar,olaryň pikirleri biz üçin öz pikirlerimizden has gowydyr.»

4) Rabig bin Suleýman aýdan: «Şafygy ilkinji bilen Ebu Bekr,soňra Omar,Osman we Alidyr diýen».

5) Şafygy aýdan: «Resulalladan soň iň gowy adam :Ebu Bekr,soňra Omar, Osman we Alidyr,Alla olardan razy bolsun.»

6) Ýusuf bin Ýahýa al-Buweýti aýdan: «Men Şafygydan: rafyzynyň yzynda namaz okasam bolýarmy?-diýdim.Ol: «Rafizynyň, kadarynyň we murjiniň yzynda namaz okama.»-diýdi.

Men: – Olary maňa sypatlandyr – diýdim.Ol: «Kim iman diňe sözdür diýse ol murjidir,kim Ebu Bekr we Omar ymam däldir diýse ol rafyzydyr(şaýy), kim her zat öz islegi bilen bolýandyr diýse ol kadarydyr».

## Şafygynyň pelsepe we din jedel

## barada aýdan sözleri

7) Şafygy aýdan: «Eger bir adam öz ylym kitaplaryny başga birine weset etse, şol kitaplaryň içinde pelsepe kitaby bar bolsa,ol kitap wesete girmeýär,çünki pelsepe ylym däldir».

8) Şafygy aýdan: «Ömrümde bir gezek pelsepe barada jedel edipdim,men şol işim üçin toba edip gelýärin.»

9)Şafygy aýdan: «Her bir garşydaşyma garşy uly kitap ýazaýyn diýsem ýazardym,ýöne pelsepe meniň işim däl,ondan bir zat maňa ýöňkelmegini islemeýärin».

10) Şafygy aýdan: «Pelsepe bilen meşgullanan adam bagt tapanyny görmedim.»

11) Şafygy aýdan: «Alla bendesini şirkden başga gaýtaran ähli günälere duçar edeni,pelsepä duçar edeninden ýagşydyr.»

Şu sözler Şafygynyň akyda barada aýdan sözleri we pelsepe ylmy barada aýdan sözleri.

# Ymam Ahmediň akydasy(Alla ony rehim etsin)

## Ymam Ahmediň towhid barada aýdan sözleri

1) Ymam Ahmed towekgellik barada soralanda ol «Mahlukatlardan umydyňy üzmemelidir.»- diýýär.

2) Ymam Ahmed aýdan: «Alla elmydama gürleýändir,Kuran Allanyň kelamydyr, mahluk däldir, Alla özüni sypatlandyran sypatlardan artykmaç sypat bilen sypatlandyrmaly däldir.»

3) Ebu Bekr al-Marwaziý aýdan: «Men Ahmed bin Hanbaldan jähmileriň gaýtarýan sypatlary ,Allany kyýamatda görmekliklik, isra ýaly hadyslar barada soradym.Ol: «Ummat şu hadyslary kabul etdi,gelişi ýaly olary kabul ediň»-diýdi.

3) Ahmed aýdan: «Kim Alla gürlemeýär diýse ol kapyrdyr,biz bu hadyslary gelişi ýaly kabul edýändiris».

4)Hanbal aýdan: «Men Ahmetden:Allany kyýamat gününde görmekligi ýatlaýan hadyslary barada soradym.Ol: «Sahyh hadyslar,biz olara iman getirip ykrar edýäris we Resulalladan gelen sahyh hadyslaryň ählisine iman getirip,ykrar ederis» diýdi .

5) Ahmed aýdan: «Allany Özüni sypatlandyran sypatlar bilen sypatlandyryň,Özüni päklän sypatlardan sypatlandyryň».

6) Ahmed aýdan: «Allanyň isleýşi ýaly çäksiz görnüşde arşdadygyna iman getirýäris. Allanyň sypatlary Özüne degişlidir, sypatlary aýdyşy ýalydyr,ony göz gurşap almaz».

7) Ahmed aýdan: «Kim kyýamat güni Allany görüp bolmaz diýse, ol kapyrdyr,Kurana ynanýan däldir».

8) Abdylla bin Ahmed aýdan: «Men kakamdan: Alla Musa bilen gürleşende ses bilen gürleşmedi-diýen adamlar barada soranymda ol:

«Alla ses bilen gürledi,şu bapda gelen hadyslary gelişi ýaly rowaýat edýäris» diýdi.

9) Ahmed aýdan: «Kuran Allanyň kelamydyr,mahluk däldir, mahluk däl diýmekden ejizleme.Allanyň kelamy Özündendir, Özünden bolan zadyň hiçisi mahluk däldir».

## Takdyr barada aýdan sözleri

10) Ahmed aýdan: «Takdyryň haýryna we şerine,süýjisine we ajysyna iman getireris we Alladandygyna ynanarys.»

11) Ebu Bekr al-Merweziý aýdan: «Ebu Abdylladan bendeleriň takdyryndaky haýyr we şer barada soralýar,oňa:Alla ýagşylygy we ýamanlygy ýaradan-diýlende ol: «Howwa,Alla takdyrda ýazandyr»-diýýär.

12) Ahmed aýdan: « Takdyryň haýry we şerri,köpi we azy,gizlini we äşgäri, süýjisi we ajysy,ýakymlysy we ýakymsyzy,ýagşysy we ýamany, ilkinjisi we ahyrkysy Alladandyr,Alla takdyry ýazandyr,kazasyny belli edendir,hiç-kim Allanyň eradasyndan çykmaz,ýazan kazasyndan geçmez».

13) Ahmed aýdan: «Alla günä we ýagşy işleri ýazandyr,haýry we şeri ýazandyr,kimi bagtly edip ýazsa ol bagtlydyr,kimi betbagt edip ýazsa ol betbagtdyr».

14) Ali bin Žahim takdyr barada gürleýän adam barada soranda Ahmed: «Eger Allanyň ylmyny inkär etse,ýagny ýaradýança Alla hiç zady bilen däldir-diýip Allanyň ylmyny inkär etse kapyrdyr» diýýär.

15) Abdylla bin Ahmed aýdýar: «Men kakamdan kadarynyň yzynda namaz barada soranymda ol: «Eger dawa edip öz ýoluna çagyrýan bolsa yzynda namaz okama» diýýär.

## Onuň iman barada aýdan sözi

16) Ahmed aýdan: «Imanyň iň gowy şahamçasy Alla üçin söýmek we Alla üçin ýigrenmekdir».

17) Ahmed aýdan: « Iman artýandyr we kemelýändir».

18) Ebu Abdylla aýdan: «Namaz,zekat,haj we ýagşy amallar imandandyr, günäler imany kemeldýändir.»

19) Abdylla bin Ahmed aýdan: «Men kakamdan: eger bir adam iman dil bilen aýdyp,beden agzalary bilen amal etmek,ol artýandyr we kemelýändir diýse,ýöne «in şä Alla»sözüni diýmese ol murjiými?-diýenimde ol: «Şeýle diýmeýänlere garşy delil Resulallanyň gabra girilende aýdýan dogasydyr,ol bolsa: «in şä Alla biz siziň yzyňyzdan ýeteris.»-diýen sözüdir diýýär.

20) Abdylla bin Ahmediň kakasyndan bir gün irjä barada soranda ol : «Biz iman dil bilen aýdyp,beden agzalary bilen amal etmeklik, iman köpelýändir we kemelýändir, eger adam zyna etse ýa-da şerap içse ol azalýandyr diýýäris.»-diýenini eşitdim diýýär.

## Ymam Ahmediň Resulallanyň sahabalary barada aýdan sözleri:

21) Ymam Ahmediň «Sünnet» diýen kitabynda şeýle sözler gelýär:

«Resulallanyň sahabalarynyň ýagşylyklaryny ýatlap, ýamanlyklaryndan, olaryň arasynda bolup geçen dawa-jenjelden saklanmak dogry ýoldur,kim Resulallanyň sahabalaryna ýa-da olaryň birine sögse ol bidgatçydyr, pis rafizydyr,şygadyr,Alla ol adamdan parz we nepil namazlaryny kabul edýän däldir.Sahabalary söýmek hak ýoldur,olara doga etmek ybadatdyr,olaryň ýoly bilen ýöremek jennete ýoldur,eden amallaryna eýermek beýik derejedir.»

22) Ibni al-Jowziý öz kitabynda ymam Ahmediň Museddede ýazan risalasynda şeýle sözleri ýatlaýar: «Resulallanyň şaýatlyk eden on sahabasyna jennet bilen şaýatlyk ederis: Ebu Bekr,Omar, Osman, Ali,

Talha,Zubeýr, Sagd, Sagyd, Abdyrahman bin Auf,Ebu Ubeýda bin Jerrah we başga-da Resulallanyň şaýatlyk edenlerine jennet bilen şaýatlyk ederis.»

23) Abdylla bin Ahmed aýdan: «Men kakamdan:eger bir adam: « Ali halyfa däl.»-diýýän bolsa näme etmeli? –diýenimde ol: «Bu hapa söz, dereksiz söz»-diýdi.

24) Ibn Jowziý aýdan: «Ahmed aýdan: «Kim Ali halyfa däldir diýse ol eşekden hem samsykdyr.»

25) Ahmed aýdan: «Kim dördünji halyfa Alidyr diýmese ol adam bilen gürleşmäň,nika etmäň».

## Ymam Ahmediň dinde dawa-jedel barada aýdan sözleri.

26) Ibni Batta Ebu Bekr Mermeziden şeýle ýatlaýar: «Ymam Ahmed aýdan: «Kim pelsepe we ylym kelam bilen güýmense ,üstünlik gazanmaz».

27) Ahmed aýdan: «Kelam ylmy bilen güýmenýän adamlar bilen,hat-da sünneti päkleseler hem oturmaň».

28)Ahmed aýdan: «Sünnete we hadysa berk ýapyş,Alla olardan haýyr berer,dawa-jenjelden ägä bol,kelam ylmynyň soňy bidgata eltýändir, çünki gep-gürrüň haýra eltýän däldir,şonuň üçin sünnete gaýym bolup,peýda berjek ylymy öwreniň,Alla bize we size fitnelerden ýardam bersin we heläk etjek zatlardan aman saklasyn.»